# Dünýäniň iň täsin öz janyňa kast etme synanşygy

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Dünýäniň iň täsin öz janyňa kast etme synanşygy

DÜNÝÄNIŇ IŇ TÄSIN ÖZ JANYŇA KAST ETME SYNANŞYGY

Çakdanaşa ýokary derejede ölümi arzuwlan fransiýaly bir raýat öljek bolup elinden gelenini etdi… Ýöne onuň bu dünýäde azajygam bolsa almaly demi bar eken, sebäbi ol bu arzuwyny amala aşyrjak bolup hernäçe çytraşsa-da edeni ugruna bolmady we ölmän galdy. Gürrüňi edilýän fransiýaly kert gaýanyň ujuna baryp özüni asmak üçin ilki öňden taýynlap goýan ýüpüni boýnundan geçirdi, awy içdi we sapança bilen özüni atdy, soňam aşak – deňze bökdi. Entek ýere gelip düşmänkä-de elindäki sapança bilen kellesine ýene bir gezek atdy. Haýran galaýmaly, bütin bu edilenlere garamazdan, ol ýene-de diri galdy. Size ýalan, bize çyn – sapançadan çykan gyzgyn gülle gyltyz geçdi we onuň boýnundaky ýüp üzüldi. Şeýdibem ol asylmazdan suwa gelip düşdi. Suwa düşende onuň ýanmaga başlan eşikleri söndi. Şol bir wagtyň özünde deňziň sowuk suwy ony depressiýa düşürip, içen zäherini gusmagyna getirdi. Dünýäden doýan we ölümden lezzet almak islän bu adamyň deňze düşenini gören bir balykçy ony halas etmek üçin herekete geçdi. Gynansak-da, ony hassahana alyp barýarkalar, bedeniniň gyzgynlyk derejesiniň birden pese gaçmagy (gipotermiýa) zerarly aradan çykdy.

Taýýarlan: Suraý ATAÝEWA.

Geň-taňsy wakalar